Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.

#32 (315)
пятница, 28 августа 2026 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА
Международные новости



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

**28-nji awgustda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi.**

Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny berkitmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine gowy taýýarlyk görmegiň, ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny berkitmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary H.Geldimyradow, G.Agajanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew degişli ugurlarda alnyp barylýan işler barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, wise-premýerlere anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa şu ýylyň sentýabr aýynda geçiriljek esasy çäreleriň Tertibi barada hasabat berdi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygy mynasybetli sentýabr aýyndaky baýramçylyk çärelerine we Döwlet münberiniň öňünde geçiriljek dabaralara ýokary derejede taýýarlyk görmegiň wajypdygyna ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyz wise-premýere ulanmaga berilýän medeni-durmuş maksatly binalaryň açylyş dabaralaryna gowy taýýarlyk görmegi we olary ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Mämmedow Bilimler we talyp ýaşlar gününe hem-de 2026-2027-nji täze okuw ýylyna görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, dürli dabaralaryň, şol sanda Garaşsyzlyk binasynyň öňünde, Berdimuhamet Annaýew adyndaky Arkadag şäher mugallymçylyk orta hünär okuw mekdebinde, Gökdepe etrabynyň Ýzgant şäherçesindäki Berdimuhamet Annaýew adyndaky 27-nji orta mekdepde çäreleriň geçirilmeginiň meýilleşdirilýändigi aýdyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli çäreleri ýokary derejede guramaçylykly geçirmegiň möhümdigini belledi. Hormatly Prezidentimiz wise-premýere täze okuw ýylynyň başlanmagy bilen, 1-nji synpa kabul edilýän mekdep okuwçylaryna döwrebap kompýuterleri sowgat bermäge taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Wise-premýer hasabatyny dowam edip, «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» atly ýol hereketiniň kadalaryny berjaý etmek boýunça bir aýlyk çäreleri geçirmek boýunça alnyp barylýan işler barada aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklip hödürlenildi.

Döwlet Baştutanymyz wise-premýere ýol hereketiniň howpsuzlygy boýunça nobatdaky çäräni guramaçylykly geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygynyň meseleleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen yzygiderli we ýakyn hyzmatdaşlygy alyp barýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyz bilen BMG-niň arasyndaky hyzmatdaşlygy berkitmek boýunça teklipleri goldap, wise-premýer, daşary işler ministrine bu ugurda alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI TÜRKIÝE RESPUBLIKASYNYŇ TÄZE BELLENEN ADATDAN DAŞARY WE DOLY YGTYÝARLY ILÇISINI KABUL ETDI

2026-njy ýylyň 28-nji awgustynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenilen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Şener Jebejini kabul etdi. Ol döwlet Baştutanyna ynanç hatyny gowşurdy.

Ilçi duşuşmaga döredilen mümkinçilik üçin tüýs ýürekden hoşallygyny beýan edip, ata Watany Türkmenistanda Türkiýe Respublikasyna wekilçilik etmegiň özi üçin uly hormatdygyny belledi hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, Prezident Rejep Taýyp Ärdoganyň hormatly Prezidentimize, Gahryman Arkadagymyza iberen mähirli salamyny we iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Döwlet Baştutanymyz Prezident Rejep Taýyp Ärdogana iň gowy arzuwlaryny beýan edip, Şener Jebejini Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi wezipesine bellenilmegi bilen gutlady hem-de oňa iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek ugrunda alyp barjak ýokary diplomatik wezipesinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, Türkmenistan üçin Türkiýe Respublikasy iň ýakyn doganlyk döwlet bolmak bilen, ikitaraplaýyn gatnaşyklar uzak möhletleýin strategik häsiýete eýedir. Iki ýurduň arasyndaky döwletara gatnaşyklar özara hormat goýmak, birek-birege ynanyşmak

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ИЗБРАННОГО ПРЕЗИДЕНТА НАРОДНОЙ РЕСПУБЛИКИ БАНГЛАДЕШ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания г-ну Мирзе Фахрулу Исламу Аламгиру по случаю избрания его на должность Президента Народной Республики Бангладеш.

Пользуясь приятной возможностью, глава Туркменистана выразил Президенту Мирзе Фахрулу Исламу Аламгиру искренние пожелания крепкого здоровья, неиссякаемых сил и энергии, а также больших успехов в делах и начинаниях во имя прогресса и процветания народа Бангладеш.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ МОЛДОВА

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Молдова Майе Санду и народу страны по случаю 35-летия независимости Республики Молдова.

Пользуясь приятной возможностью, глава государства адресовал Президенту Майе Санду искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Молдовы – мира, прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ КАЗАХСТАН

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Казахстан Касым-Жомарту Токаеву по случаю успешного проведения выборов в Курултай Республики Казахстан.

«Благодаря проводимой Вами государственной политике сегодня в стране осуществляются глубокие преобразования, которые являются прочной основой для благополучия братского народа Казахстана на долгосрочную перспективу», – подчеркнул глава государства.

Отметив, что успешное проведение первых выборов в Курултай, которое получило широкую народную поддержку, является важным шагом в реализации реформ по совершенствованию системы государственной власти и управления, Президент Сердар Бердымухамедов выразил уверенность, что традиционно дружественные отношения между Туркменистаном и Республикой Казахстан будут и впредь динамично развиваться по различным направлениям.

Пользуясь представившейся возможностью, глава Туркменистана адресовал Президенту Касым-Жомарту Токаеву крепкого здоровья, благополучия и дальнейших успехов в ответственной государственной деятельности, а народу Казахстана – мира, процветания и прогресса.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI TÜRKIÝE RESPUBLIKASYNYŇ TÄZE BELLENEN ADATDAN DAŞARY WE DOLY YGTYÝARLY ILÇISINI KABUL ETDI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

esasynda alnyp barylýar. Ýokary döwlet derejesindäki gatnaşyklar, Hökümet wekiliýetleriniň yzygiderli amala aşyrýan özara saparlary we gepleşikler hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagyna uly goşant goşýar. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz 2025-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Prezident Rejep Taýyp Ärdoganyň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli geçirilen dabaraly çärelere gatnaşmagynyň ýokary derejede alnyp barylýan döwletara hyzmatdaşlygyň has-da ilerledilmegine täze itergi berendigini nygtady.



Ýurtlarymyz diňe bir ikitaraplaýyn derejede däl, eýsem, abraýly halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde-de üstünlikli hyzmatdaşlyk edýärler. Bu babatda halkara syýasatyň we sebit gatnaşyklarynyň özara gyzyklanma bildirilýän meseleleri boýunça, hususan-da, dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy üpjün etmekde, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde iki ýurduň garaýyşlarynyň meňzeşdigi kanagatlanma bilen bellenildi.

Döwlet Baştutanymyz ykdysady hyzmatdaşlyk barada aýdyp, Türkiýäniň ýurdumyzyň iri söwda-ykdysady hyzmatdaşlarynyň biridigini nygtady. Ikitaraplaýyn söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmakda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara topara we işewürlik geňeşine uly orun degişlidir.

Söhbetdeşligiň dowamynda iki döwletiň we olaryň halklarynyň arasynda medeniýet, ylym, sungat, döredijilik ulgamlarynda hyzmatdaşlygyň giň gerimde alnyp barylýandygy aýdyldy. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz diplomatyň Türkiýe Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi hökmünde ýurtlarymyzyň arasyndaky gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykarmak ugrunda ähli tagallalary etjekdigine ynam bildirdi.

Şener Jebeji bildirilen uly ynam üçin tüýs ýürekden hoşallygyny beýan edip, diplomatik wezipesinde iki ýurduň we olaryň halklarynyň arasyndaky doganlyk gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmak, Türkiýe bilen Türkmenistanyň bähbitlerine laýyk gelýän netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek ugrunda yhlasly zähmet çekjekdigine ynandyrdy.

## THE PRESIDENT OF TURKMENISTAN RECEIVED THE AMBASSADOR EXTRAORDINARY AND PLENIPOTENTIARY OF THE FEDERAL REPUBLIC OF GERMANY

On August 24, 2026, President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov received the newly appointed Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the Federal Republic of Germany to Turkmenistan Petra Dachtler, who presented her credentials to the head of state.



Expressing gratitude for the time devoted to the meeting, Ambassador Petra Dachtler noted that it is a great honor for her to represent Germany in Turkmenistan, which has demonstrates significant achievements in various fields.

Taking the opportunity, Ambassador Petra Dachtler conveyed greetings of Federal President Frank-Walter Steinmeier and Federal Chancellor Friedrich Merz to President Serdar Berdimuhamedov and the National Leader of the Turkmen People.

After returning greetings and best wishes to the leadership of the Federal Republic of Germany, the head of state congratulated Ms. Petra Dachtler on her appointment to this high-level diplomatic post and wished her success in her responsible work aimed to further strengthen bilateral cooperation.

It was emphasized that Turkmenistan attaches special importance to developing relations with the countries of the European Union. In this regard, Germany is a leading partner.

Turkmenistan consistently expands cooperation with the Federal Republic of Germany based on mutual respect, trust, equality, and reciprocal consideration of interests.

The two countries actively cooperate within international organizations, primarily the UN. In this context, their mutual support of initiatives within the UN is exemplary.

Turkmenistan cooperates with Germany in strengthening international peace and security, sustainable development, environmental protection, combating climate change, rational use of natural resources, and achieving the SDGs.

In this regard, strengthening the partnership in the Central Asia-Germany format is particularly important. Turkmenistan views it as an important mechanism for discussing regional development issues, strengthening economic ties, expanding transport connectivity, and promoting joint initiatives.

Special attention is also given to enhancing trade and economic relations. In this context, the role of the Turkmen-German Working Group on Trade and Economic Cooperation as a key instrument for deepening economic collaboration, as well as the work of the Committee on Eastern European Economic Relations, was emphasized.

Turkmen-German cooperation in healthcare serves as a vivid example of constructive partnership for many years. Regular contacts with German experts are maintained to exchange experience with Turkmen medical professionals, improve their qualifications, and learn best European medical practices.

Cultural and humanitarian dialogue is of great importance. Cooperation in this area is a key factor in strengthening interstate relations, contributing to the rapprochement of the two friendly peoples.

In this regard, the importance of cooperation in the field of education, particularly the training of qualified personnel and the exchange of modern knowledge and experience was emphasized.

In conclusion, the Ambassador of Germany again expressed her sincere gratitude to the President of Turkmenistan for the time he devoted to the meeting and assured him that she would make every effort to strengthen the traditionally friendly relations and intensify German-Turkmen cooperation in all areas, for the benefit of both countries and their peoples.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI TÄJIGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRINI KABUL ETDI

2026-njy ýylyň 20-nji awgustynda Prezident Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Täjigistan Respublikasynyň Daşary işler ministri Sirojiddin Muhriddini kabul etdi.

Sirojiddin Muhriddin mümkinçilikden peýdalanyp, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmonyň Prezident Serdar Berdimuhamedowa we Gahryman Arkadagymyza iberen mähirli salamyny ýetirdi.

Şeýle-de Sirojiddin Muhriddin Türkmenistan bilen özara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň Täjigistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini belledi.

Prezident Serdar Berdimuhamedow dostlukly ýurduň Daşary işler ministrine hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, Täjigistan Respublikasynyň Prezidentine iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.



Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň we Täjigistan Respublikasynyň Daşary işler ministrlikleriniň arasyndaky nobatdaky geňeşmeleriň üstünlikli geçirilmegini arzuw edip, bu duşuşyklaryň türkmen-täjik strategik hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlaryny giňeltmäge hem-de iki ýurduň daşary syýasat edaralarynyň arasyndaky gatnaşyklary pugtalandyrmaga ýardam berjekdigine ynam bildirdi.

Ýurtlarymyz ikitaraplaýyn görnüşde bolşy ýaly, köptaraplaýyn formatlaryň çäklerinde hem hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürýärler. Birleşen Milletler Guramasynyň, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň we beýleki halkara guramalaryň, «Merkezi Aziýa+» formatynyň çäklerinde ählumumy parahatçylygy, durnuklylygy, abadançylygy pugtalandyrmak boýunça başlangyçlaryň özara goldanylmagy munuň aýdyň mysalydyr.

Prezident Serdar Berdimuhamedow şu ýyl Türkmenistanyň GDA-da başlyklyk etmeginiň çäklerinde «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Arkalaşygyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisiniň, şeýle hem Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Azerbaýjan Respublikasynyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynyň geçirilmeginiň meýilleşdirilýändigini aýtdy.

Bellenilişi ýaly, iki dostlukly ýurduň arasyndaky gatnaşyklarda söwda-ykdysady hyzmatdaşlyga möhüm orun degişlidir. Şunda Söwda-ykdysady we ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki türkmen-täjik hökümetara topary aýratyn orny eýeleýär. Döwlet Baştutanymyz häzirki wagtda söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmek üçin täze mümkinçilikleriň açylýandygyny aýdyp, energetika, ulag we oba hojalygy pudaklarynda hyzmatdaşlygyň uly geljeginiň bardygyna ünsi çekdi.

Medeni-ynsanperwer ulgam hem ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň aýrylmaz bölegi bolmagynda galýar. Şunuň bilen baglylykda, bu gatnaşyklaryň geljekde hem özara medeni çäreleri guramak arkaly işjeň ösdüriljekdigi nygtaldy.

Duşuşygyň ahyrynda Prezident Serdar Berdimuhamedow hem-de Täjigistan Respublikasynyň Daşary işler ministri Sirojiddin Muhriddin dostlukly gatnaşyklaryň iki halkyň bähbidine mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirip, birek-birege iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

# СОСТОЯЛСЯ ТЕЛЕФОННЫЙ РАЗГОВОР НАЦИОНАЛЬНОГО ЛИДЕРА ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА С ПРЕЗИДЕНТОМ РЕСПУБЛИКИ КАЗАХСТАН

25 августа 2026 года состоялся телефонный разговор между Национальным Лидером туркменского народа, Председателем Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедовым и Президентом Республики Казахстан Касым-Жомартом Токаевым.

Обменявшись теплыми приветствиями, Герой-Аркадаг и Президент Казахстана с удовлетворением констатировали высокий уровень отношений между двумя странами.

Национальный Лидер туркменского народа выразил признательность Президенту Касым-Жомарту Токаеву за огромный вклад в развитие традиционно дружественных братских и добрососедских связей между народами Туркменистана и Республики Казахстан.

От имени Президента Сердара Бердымухамедова и от себя лично, Национальный Лидер туркменского народа искренне поздравил главу Казахстана с важным политическим событием – первыми выборами в Курултай Республики Казахстан.

– В Туркменистане рассматривают итоги этих выборов как мудрое решение и солидарное волеизъявление народа Казахстана, Вашу личную политическую победу, результат успешно проводимых под Вашим руководством реформ в политической, экономической и общественной жизни государства, – сказал Герой-Аркадаг. Вместе с тем была выражена уверенность, что народ братской страны, основываясь на древнем и богатом историческом наследии, культурных и духовных ценностях, будет и далее уверенно следовать курсом созидания и развития.

Президент Касым-Жомарт Токаев поблагодарил Национального Лидера туркменского народа за поздравления и добрые слова, отметив, что высоко ценит поддержку Туркменистана и личное внимание Героя-Аркадага к важному для Казахстана историческому событию – парламентским выборам.

Глава Казахстана подчеркнул, что поздравление Героя-Аркадага – свидетельство подлинной дружбы и добрососедства между двумя братскими народами, выразив особую признательность наблюдателям от Туркменистана за выборным процессом.

Было отмечено, что туркменские наблюдатели хорошо работали в течение подготовки и проведения выборов в Курултай Республики Казахстан и объективно оценили их итоги, которые полностью соответствуют нормам национального законодательства и международным стандартам.

Вместе с тем Президент Касым-Жомарт Токаев выразил уверенность, что законодательные органы обеих стран будут и впредь поддерживать тесное взаимодействие, внося вклад в укрепление казахстанско-туркменских связей.

Поблагодарив за добрые слова, Герой-Аркадаг отметил, что отношения между двумя народами на протяжении многих веков развиваются на принципах дружбы, братства, добрососедства и взаимного уважения, выступающих прочным фундаментом для развития межгосударственных связей в современный период и на долгосрочную перспективу.

Было подчеркнуто, что главным фактором развития сотрудничества служит открытый, доверительный, конструктивный и дружественный диалог на высшем государственном уровне.

В данном контексте Герой-Аркадаг отметил, что именно встречи руководителей и лидеров двух стран придают новые мощные импульсы расширению межгосударственных отношений, способствуя углублению взаимопонимания, выработке стратегических решений и определению приоритетов совместной деятельности.

Было отмечено, что две страны тесно взаимодействуют на международной политической арене, активно участвуя в реализации масштабных и долгосрочных стратегий и программ на глобальном и региональном уровнях. В этой связи Герой-Аркадаг поблагодарил Президента Касым-Жомарта Токаева за твёрдую и неизменную поддержку Республикой Казахстан нейтрального внешнеполитического курса Туркменистана и инициатив страны, выдвигаемых в Организации Объединённых Наций и в других авторитетных международных структурах.

Касаясь вопросов двустороннего взаимодействия, глава Казахстана отметил, что они динамично развиваются в духе стратегического сотрудничества. В данном контексте подчёркивалось, что большой импульс отношениям между двумя странами придали итоги государственного визита Президента Сердара Бердымухамедова в Республику Казахстан в ноябре прошлого года.

Говоря о контактах на высшем государственном уровне, Президент Касым-Жомарт Токаев отметил значение встречи с Национальным Лидером туркменского народа, Председателем Халк Маслахаты Туркменистана Героем-Аркадагом в рамках Форума, посвящённого Международному году мира и доверия и 30-летию нейтралитета Туркменистана, состоявшегося в декабре прошлого года в туркменской столице.

Сделав акцент на высокой значимости участия глав двух государств в многосторонних форумах, проводимых в обеих странах, Президент Казахстана ещё раз подчеркнул, что с большим уважением ожидает участия Президента Сердара Бердымухамедова в заседании Акабского процесса «Безопасность в сфере искусственного интеллекта», которое пройдёт в начале ноября текущего года в Астане.

Отметив большую совместную работу по укреплению регионального сотрудничества, Национальный Лидер туркменского народа с удовлетворением констатировал схожесть или совпадение позиций обоих государств в этом направлении.

Герой-Аркадаг выразил признательность лидеру Казахстана за поддержку предложений Туркменистана о проведении 7–9 октября текущего года в Национальной туристической зоне «Аваза» трёх важных Саммитов, в частности, заседания Консультативной встречи глав государств Центральной Азии и Азербайджанской Республики, заседания Совета глав государств СНГ и Каспийского экологического саммита, а также за подтверждение личного участия в этих форумах. Как отметил Национальный Лидер туркменского народа, предстоящему визиту Президента Касым-Жомарта Токаева в Туркменистан придаётся большое значение.

Ещё раз подтвердив своё участие в трёх важных Саммитах, которые пройдут в октябре текущего года в Национальной туристической зоне «Аваза», глава Казахстана поблагодарил Героя-Аркадага за присоединение Туркменистана к Договору о дружбе, добрососедстве и сотрудничестве в целях развития Центральной Азии в XXI веке.

Сделав акцент на общности культурных и духовных ценностей казахского и туркменского народов, Президент Касым-Жомарт Токаев отметил красоту, грацию и уникальность породы ахалтекинских скакунов, являющихся великим национальным достоянием Туркменистана.

Пользуясь случаем, Герой-Аркадаг подтвердил готовность и стремление Туркменистана к укреплению дружбы и всестороннего сотрудничества с Республикой Казахстан, пожелав главе дружественной страны крепкого здоровья, долголетия, успехов в государственной деятельности, а братскому казахскому народу – мира, счастья, благополучия и процветания.

В завершение телефонного разговора Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Гурбангулы Бердымухамедов и Президент Республики Казахстан Касым-Жомарт Токаев, выразив уверенность, что традиционно дружественные туркмено-казахстанские отношения будут и далее успешно развиваться, адресовали братским народам двух стран пожелания благополучия и процветания.



## MEETING WITH THE AMBASSADOR EXTRAORDINARY AND PLENIPOTENTIARY OF FRANCE TO TURKMENISTAN

On 28 August 2026, Minister for Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov met with the Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the French Republic to Turkmenistan Philippe Merlin.

The Ambassador of France, who is concluding his diplomatic mission in Ashgabat, expressed his gratitude to the Turkmen side for warm hospitality.

During the meeting, the parties emphasized the steady development of Turkmen-French relations in the political-diplomatic, trade-economic and cultural-humanitarian spheres.

It was particularly noted that contacts at high and the highest levels are the key factor in the development of inter-state relations.

The trade and economic cooperation, which is one of the main pillars of the bilateral partnership, particularly in the fields of agriculture, water management and green technologies was discussed at the meeting.

The parties highlighted the effectiveness of the long-term cooperation in the cultural and humanitarian sphere.



## ПОСОЛ ЕВРОПЕЙСКОГО СОЮЗА В ТУРКМЕНИСТАНЕ ЗАВЕРШАЕТ ДИПЛОМАТИЧЕСКУЮ МИССИЮ В СТРАНЕ

28 августа 2026 года в МИД Туркменистана состоялась встреча Министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова с Послом Европейского Союза в Туркменистане Беатой Пексой, завершающей дипломатическую миссию в стране.

В ходе встречи стороны высоко оценили нынешний уровень сотрудничества между Туркменистаном и Европейским Союзом, охватывающего политическую, экономическую, транспортно-энергетическую и культурно-гуманитарную сферы.

Была отмечена результативность совместных проектов и программ, в том числе в области верховенства закона, прав человека, экологии, цифровизации, транспорта и частного сектора.

Помимо двусторонних механизмов партнерства, стороны подчеркнули значимость взаимодействия в формате «ЕС – Центральная Азия».

На встрече Послу Беате Пексе была выражена благодарность за её весомый вклад в развитие дружественных связей между Туркменистаном и Европейским Союзом.

## DIM-DE GERMANIÝA FEDERATIW RESPUBLIKASYNYŇ TÜRKMENISTANDAKY ILÇISI BILEN DUŞUŞYK GEÇIRILDI

2026-njy ýylyň 27-nji awgustynda Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçisi Petra Dahtler bilen duşuşdy. Ilçi türkmen tarapyna ynanç hatlarynyň nusgalaryny gowşurdy.

Daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysy Ilçini ýokary wezipä bellenilmegi bilen gutlady we Türkmenistanda diplomatik işini ýerine ýetirmekde üstünlikleri arzuw etdi.

Duşuşygyň barşynda taraplar syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ulgamlaryndaky türkmen-german gatnaşyklarynyň esasy ugurlaryny ara alyp maslahatlaşdylar.

Döwletara hyzmatdaşlygy ösdürmekde ýokary derejedäki gatnaşyklaryň möhüm ähmiýete eýe bolup durýandygy bellenildi.

Duşuşykda iki döwletiň BMG-niň we Ýewropa Bileleşiginiň, şeýle-de Merkezi Aziýa – Germaniýa formatynyň çäklerindäki hyzmatdaşlygynyň netijeliligi nygtaldy.

Diplomatlar köp ýyllyk söwda-ykdysady gatnaşyklaryň oňyn häsiýetini bellediler. Şunda german ykdysadyýetiniň Gündogar komitetiniň derwaýys işiniň ähmiýeti barada aýdyldy.

Taraplar medeniýet, saglygy goraýyş we bilim ulgamlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmegiň meselelerini hem ara alyp maslahatlaşdylar.





## CURRENT ISSUES IN TURKMEN-JAPANESE COOPERATION WERE DISCUSSED

On 26 August 2026, a meeting through videoconferencing took place between the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov and the Chairman of the Japanese-Turkmen Committee on Economic Cooperation Hiroyuki Tsubai.

During the talks, the parties discussed current issues of bilateral cooperation in the framework of preparations for the next meeting of the Turkmen-Japanese and Japanese-Turkmen Committees on Economic Cooperation.

Current and future projects in areas such as the gas chemical industry, transport, the circular economy and others were discussed.

Agreements were reached on the main items of the agenda and the programme of work for the Joint Meeting of the Committees on Economic Cooperation, as well as on the preparation of bilateral documents planned for signing upon the outcomes of the meeting.